# Myrat Orazmuhammedowyñ degişmelerinden

Category: Degişmeler,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Myrat Orazmuhammedowyñ degişmelerinden MYRAT ORAZMUHAMMEDOWYŇ DEGIŞMELERINDEN

■ Dellekhanada

Bir gün Myrat dellekhana baryp, dellege degişme bilen ýüzlenip:
– Inim, meniň saçymy deň iki bölüp, keýwany tanamaz derejede bejer!– diýipdir.
Dellekçi ýigit hem degişgen ekeni, ol biraz salym Myradyň saçyna dümtünen bolup:
–Agam, meni bagyşlaň, men saçyňyzy bejerip biljek däl! Sebäbi sa-çyňyzyň tarlarynyň sany jübüt däl ekeni – diýipdir.

■ «Aýna bilen gürleşdim»

Bir gün aýaly Myrada garap:
– Waý, Myrat, esli wagtdan bäri maňa tiňkäňi dikip dursuň welin, bir zat diýjek bolýaňmy? – diýipdir.
Onda Myrat:
– Keýwany, men ýap-ýaňy saňa diýmeli sözlerimi gürläp-gürläp, içimi boşatdym.
Aýaly:
– Nirede? – diýip soranda, Myrat gülüp:
– Içki jaýdaky aýnanyň öňünde – diýip jogap beren.

■ Açylan syr

Bir gün Myrat gahary gelip, ýanynda oturan dostuny günäkärleýär:
– Menem gel-gel, saňa dagy syrymy ynanypdyryn diýsene. Şu wagta çenli dost bolup gezsek-de, seniň beýle ýagdaýyň

bardygyny bilmändirin. Asyl sen syr saklap bil- meýän ekeniň-ä.
Onda dosty:
– Wah, men syrsaklap bilýän-le. Ýöne menden eşidenler syr saklap bilenok-da – diýip jogap beripdir.

■ Çykalga

Bir gün teatrda sahna gidip durka Myradyň ýasama murtunyň bir tarapy gopaýýar. Ol diňşirgenen bolup, «Meni biri çagyrýar öýdýän diýip perdäniň aňyrsyna geçýär. Emma grimçini tapmaýar-da, murtunyň beýleki çetini hem aýryp, yzyna dolanýar. Sahnada aýalynyň keşbini döredip duran kärdeşi bu ýagdaýy bildirmejek bolup:
– Kim çagyrýar eken – diýip, oňa ýüzlenýär. Myrat:
– Hiç-le, sertaraş gelipdir – diýip, bu ýagdaýdan aňsatlyk bilen çykalga tapýar.

Taýýarlan Şamyrat MUHAMMETGURBANOW Degişmeler